# 4 EKOLOGIK HUKUK WE ADALATLYLYK

Bhopaldaky zäherli gaz betbagtçylygy . . . . . . . . . . 36
Hukuk we adalatlylyk ugrunda göreş . . . . . . . . . . 37
Zäherli maddalaryň bedenimize aralaşmagy . . . . . . . . . . 40
Daşky gurşawy goramak üçin hassahanalaryň gurulmagy. . . . . . . . . . 40
Özgerişlikler üçin geçirilýän işler . . . . . . . . . . 42
Ýerlikli töwekgellik. Ol kim üçin ýerlikli? . . . . . . . . . . 43

# EKOLOGIK HUKUK WE ADALATLYLYK



Jemgyýetdäki her bir adamyň sagdyn bolmaga we howpsuz, sagdyn daşky gurşawa hukugy bardyr. Emma, gynansak-da, bu hukuklar köp halatlarda äsgerilmeýär. Köp adamlar zerur zatlaryň ýetmezçiligi we zäherli maddalaryň çendenaşa köpdügi zerarly düýpli saglyk kynçylyklaryna uçraýarlar. Bu kynçylyklara esasan-da jynsy, etniki gelip çykyşy, dini, kastasy, pukaralygy ýa-da haýsydyr başga bir sebäplere görä jemgyýetçilik derejesi pes bolan adamlar sezewar bolýarlar. Olar adatça bu kynçylyklara ilki uçrap, has köp ejir çekýärler.

Adamlar sagdyn, howpsuz, öndürijilikli we ýakymly gurşawda ýaşamak isleýärler. Ýöne käwagt häkimiýetler jemgyýetçilik toparlarynyň bu babatdaky hak-hukuklaryny sylamaýarlar. Adamlaryň şu hak-hukukarynyň ugrundaky göreşi ekologik adalatlylyk ugrundaky göreş diýip atlandyrylýar.

Adamlaryň ekologik betbagtlyklardan ejir çekişi baradaky wakalar dünýäniň ähli künjeklerinde duş gelýär. Adamlaryň saglyk we ekologik adalatlylyk babatdaky hak-hukuklaryny goraýan toparlar şeýle wakalaryň ençemesini gürrüň berip bilýärler. Şu bapda şeýle wakalaryň biri beýan edilýär.

# Bhopaldaky zäherli gaz betbagtçylygy

1984-nji ýylyň 3-nji dekabrynda Hindistanyň Bhopal şäherinde gije aýylganç betbagtçylyk boldy. Pestisidleri öndürýän fabrikden çykan zäherli gaz Bhopalyň daş-töweregindäki howany zäherledi. Şol ýerlerdäki ilatyň gürlügi örän ýokarydy. Fabrigiň howp abanýandygy baradaky duýduryş ulgamy öçürilipdi. Şonuň üçin-de, adamlar hiç hili duýduryş seslerini eşitmediler.

Diri galanlardan Aziza Soltan şuny ýatlaýar:




Diri galanlaryň ýene biri Çampa Dewia Şukla şuny ýatlaýar:




Şol gije zäherli gaz köp adamlary gyrdy. 3 günden ýene 8000 adam öldi. Emma betbagtlyk munuň bilen gutarmandy, dogrusy, bu diňe onuň başydy.

Şu wakadan soň 20 ýylyň dowamynda bedenlerinde galan zäherli gaz zerarly ýene-de 20 000 adam öldi. Şol zäherli gazyň täsiri zerarly köp adamlar erbet kesellere ýolukdylar: olar kynlyk bilen dem alýardylar, dyngysyz üsgürýärdiler; olary ysytma tutýardy, el-aýaklarynyň syzyjylygy ýitýärdi, bedenleri tapdan düşüp, ruhuçökgünliklere sezewar bolýardylar, rak keseline ýolugýardylar. Şol aýylganç gijeden gutulanlaryň çagalary we agtyklary dogabitdi kesellerden ejir çekýärler. Olaryň elleri we aýaklary guraýar, haýal ösýärler, nesil öndüriji we nerw ulgamlarynyň kesellerinden ejir çekýärler. Şol gide Bhopalyň howasyny zäherlän gaz 150 000-den gowrak adama zyýan ýetirdi.

## Hukuk we adalatlylyk ugrunda göreş

Zäherli gazyň çykan ýeri häzirki güne çenli arassalanmadyk. Taşlanan fabrika ölüm howply betbagtçylygyň bolandygyny ýatladýar. Zäherli himikatlar açyk asmanyň astynda heniz hem uly üýşmek bolup ýatyr. Olar şäheriň ýerasty suwlaryna syzyp, olary hem zäherlediler. Şol betbagtlyga uçran adamlaryň köpüsi saglyklaryny dikeltmek üçin hiç wagt bejergi-de almadylar. Şonuň üçin-de, Bhopalyň ilaty bu betbagtlyga geçip giden bir hadysa hökmünde garaman, henize çenli onuň netijeleri bilen günde ýüzbe-ýüz bolýarlar.

Pestisidler fabrigi Ýunion Karbid atly birnäçe ýurtlarda işleýän ägirt milletara korporasiýasyna degişlidi. Betbagtçylykdan soň diri galanlar betbagtçylyk sebäpli ýaşaýyşlarynyň weýran bolmagynyň adalatsyzlykdygyna düşünýärdiler. Zyýan çeken adamlaryň özlerini bejerder ýaly pullary ýokdy. Olar maýyp galan maşgala agzalary barada alada edip bilmeýärdiler. Olar bolup geçen betbagtlyk babatdaky jogapkärçiligi  pestisidleri öndüren kompaniýanyň öz üstüne almagyny isleýärdiler. Ýöne Ýunion Karbidiň wekilleri betbagtlygyň fabrikdäki işgärler zerarly ýüze çykandygyny nygtap, jogapkärçiligi öz üstlerine almakdan boýun gaçyrdylar.

Hukuk we adalatlylyk ugrunda göreşýän beýleki adamlar ýaly, Bhopalyň betbagtlyga uçran ilaty hem ýagdaýlarynyň garyplyklary zerarly agyrlaşandygyna, şeýle-de şu betbagtlygyň hut öz garyplyklary zerarly ýüze çykandygyna düşündiler.



## Betbagtlyk näme üçin ýüze çykdy?

Bhopaldaky aýylganç waka gelejekde asla gaýtalanmaly däldir. Ýöne onuň ýüze çykmagy gaty bir geň waka-da däl. “Eýsem bu näme üçin şeýle bolduka?” diýen mowzukda guralýan söhbetdeşlik Bhopaldaky bolup geçen betbagtçylygyň ilkinji sebäplerine düşünmäge kömek eder.




Bütin dünýäde iri korporasiýalar öz fabriklerini we zawodlaryny, zäherli zibilhanalaryny, howply industrial taslamalaryny garyp we jemgyýetçilik derejesi pes bolan ilatyň ýaşaýan ýerlerinde gurýarlar. Şeýlelik-de, garyp ýurtlar we jemgyýetler howply senagatyň, önümleriň we hapalaryň taşlanylýan ýerine öwrülýär. Daşky gurşawyň saglygyny goramak meselesi haýsydyr bir jemgyýetçilik toparyna däl-de, tutuş adamzada degişlidir. Her bir adam öz ornunda ulanýan önümini nähili üýtgetmelidigi, zir-zibillerden nädip dynmalydygy, ygtyýarly güýçler daşky gurşawy hapalanda muňa nädip garşy durmalydygy barada oýlanmalydyr.



## Bhopaldaky adalatlylyk ugrunda halkara göreş

Bhopalda bolup geçen betbagtlykdan aman galanlar özlerine ünsi çekmek maksady bilen bilelikde degişli çäreleri geçirip başladylar. Olar pestisidleri öndüren kompaniýanyň bolan betbagtlyk babatda jogapkärçiligi boýun almagyny talap etdiler. Olar öz talaplary berjaý edilýänçä, açlyk çekjekdiklerini yglan etdiler. Olar aç-suwsuz ýagdaýda ýurduň paýtagtyna tarap 750 kilometr aralygy geçdiler. Olar ýurduň paýtagtyna baryp, adalatlylygy talap etdiler. Aýallar hökümet baştutanlarynyň jaýynyň öňünde çadyrlar dikip, 3 aýlap açyk meýdanda ýatyp turdular. Olar daň atandan tä gün ýaşýança öz talaplaryny yglan etdiler.



Betbagtlykdan birnäçe ýyl geçenden soň, kazyýet Ýunion Karbid korporasiýasy Hindistanyň hökümetine 470 million amerikan dollaryny tölemeli diýip çözgüt çykardy. Bu möhüm ýeňişdi, ýöne ol hem ýeterlik däldi. Şol pullaryň köp bölegi diri galanlara baryp ýetmedi.

Şondan soň köp wagt geçmänkä, Ýunion Karbid korporasiýasy Dau Kemikal atly başga bir köpmilletli korporasiýa satyldy. Dau Kemikal hem jogapkärçiligi almakdan, ejir çekip, bejergi almaly adamlara kömek etmekden ýüz dönderdi. Hindistanyň hökümeti-de, şol iki uly korparasiýanyň esaslandyrylan ýeri bolan ABŞ-da, bolan betbagtlyk üçin jogap bermeli ýokary wezipeli adamlary kazyýete bermek islemeýärdiler.

Diri galanlar adalatlylyk ugrunda göreşi dowam etmek üçin halkara hereketini döretdiler. Olar talyplaryň, ekologik toparlaryň we adam hukuklaryny goraýan guramalaryň goldawyna daýandylar. Bütin dünýäniň adamlarynyň goldamagy bilen, Bhopalda diri galanlar adalatlylyk babatdaky talaplaryny Ýunion Karbidiň we Dau Kemikalyň baş edarasyna ýetirdiler. Diri galanlar beýlekileri hem açlyk çekmeklige çagyrdylar, çekýän ejirlerine ünsi çekmek üçin degişli çäreleri geçirdiler. Şu geçirelen çäreler arkaly olar maşgalalaryny goldadylar, bejergi almaklaryna mümkinçilik döretdiler, zäher belasynyň pidalaryna we diri galanlara hemaýat etdiler.

Bhopaldaky adalatlylyk ugrundaky geçirelen hereket “Bhopaldaky ýagdaý gaýdyp gaýtalanmasyn!” diýen şygar astynda geçirildi. Onuň maksady geljekde şuňa meňzeş ekologik betbagtlylygyň öňüni almakdy. Bhopalyň ilaty halkara göreşleri arkaly zäheriň täsiriniň uzak wagtlap dowam edýändigini töweregindäki adamlara düşündirdiler. Bhopalda diri galanlar önümçilikde heläkçilikli wakanyň islendik wagtda bolup biljekdigini, ýöne bu heläkçilikleriň pukara adamlara has agyr degýändigini subut etdiler. Olaryň hukuk we adalatlylyk ugrundaky göreşi jemgyýetçilik toparlaryny gurnaýanlaryň ählisine görelde boldy.

# Zäherli maddalaryň bedenimize aralaşmagy



**Iýmit we suw arkaly**



**Dem alyş arkaly**



**Deri arkaly**

Himiki zäherleriň adama edýän täsiri onuň dowamlylygyna baglydyr. Himiki zäherler näçe uzak täsir etse, şonça-da köp zyýan ýetirýärler. Bhopalda müňlerçe adamlar şol bir wagtyň dowamynda hem zäherli gazdan dem aldylar, hem-de onuň tene ýetiren täsirine sezewar boldular. Bu betbagtlygyň netijeleri derrew mese-mälim boldy. Himiki betbagtçylykdan soň arassalaýyş işleri geçirilmänsoň, himikatlar fabrikden has uzak ýerlere ýaýrady, zäher topraga we şäheriň ýerasty suwlaryna siňdi. Indi birnäçe ýyl bäri adamlar şol awuly suwdan içýärler. Bu heniz-de dowam edýän betbagtçylygyň bir bölegidir.

Bhopalda bolan wakadaky ýaly zäheriň uly möçberdäki täsirimi, ýa-da reňklerdäki, eredijilerdäki ýa-da beýleki adaty önümlerdäki zäheriň ýönekeý täsirimi – tapawudy ýok, zäher täsir etmez ýaly, himikatlary özüňizden daşlaşdyrmaly. Zäherli maddalaryň gelejekde etjek täsiriniň öňüni almak üçin, degişli çäreleri görmek möhümdir. (Zäherli himikatlaryň saglyga ýetirýän zyýany barada 16-njy baba seret).

# Daşky gurşawy goramak üçin saglyk hassahanalarynyň gurulmagy

Bhopalyň adamlary ekologik adalatlylyk ugrunda göreşýärler. Şol bir wagtyň özünde-de, olar üstlerinden inen betbagtlykdan saplanmak üçin degişleri işleri geçirýärler. Diri galanlar we meýletinçiler topary tutuş jemgyýetiň saglygyny goramak üçin, Sambhawna hassahanasyny bina edip başladylar. Bu hassahanada adama onuň pul, kasta, dini ýagdaýyna garamazdan kömek edilýär. “Sambhawna” sözi sanskrit we hindi dilinde “mümkinçilik” diýmegi aňladýar.

Sambhawna hassahanasy ekologik saglygyň nusgasydyr. Ol howpsuzlyk we durnuklylyk ýörelgesine laýyklykda bina edildi. Muňa mysal hökmünde, ine, şulary aýtmak mümkin:

- Hassahanany arassalamak üçin diňe gyzgyn suw we sabyn ulanylýar. Bu arassalaýjy serişdeleriň hiç kime zyýan ýetirip bilmezligi üçin edilýär.
- Hassahananyň işçileri bagyň düýbüni tutup, onda dermanlyk ösümliklerini ekdiler. Bagda hiç hili himikatlar ulanylmaýar. Hassahanada bejergi alýan adamlar bagda işleýärler we özlerine gerek bolan otlary ýygnaýarlar.
- Hassahananyň täze jaýy gurulmaly bolanda, zähersiz gurluşyk materiallary ulanylýar.
- Jaý üçin ýerli materiallar ulanylýar. Olar tebigy ýagtylyk düşer we howa girer ýaly usulda gurulýar.
- Ygally döwürde jaýyň üçegine ýagan ýagyş suwy ýerasty howdanlara ýygnalyp, gurakçylyk möwsümlerinde ulanylýar.
- Ýuwunmak we arassalamak üçin ulanylan suw turbalar boýunça howdana akyp barýar we topragy hem-de bagdaky otlary suwarýar.
- Hassahananyň işine gerek bolan kuwwatlylygy öndürmek üçin, Gün şöhlelerinden kuwwatlylygy ýygnaýan ýöriteenjamlaryulanýarlar. Bu enjamlaryň işiniň daşky gurşawa zyýany ýok diýen ýalydyr.



Sambhawna hassahanasy diňe bir syrkawlary bejermek bilen däl, eýsem keseliň öňüni almak üçin degişli çäreleri geçirip, saglygy dikeltmegiň usullaryny görkezýär. Zäherleriň ýetirýän zyýanyny azaltmakda olaryň görkezýän göreldesi mekdeplerde, söwda kärhanalarynda, hökümet edaralarynda we öýlerimizde ulanylyp bilner. Ýöne biz öz öýlerimizi we edaralarymyzy özgerdip, olary has sagdyn we durnukly edäýemizde-de, senagat zäherli maddalary öndürmekligi we ulanmaklygy dowan edýärkä, biziň hemmämiz howp astynda bolarys.

# Özgerişlikler üçin geçirilýän işler

Bhopaldaky betbagtlykdan soň diri galanlar uzak möhletli saglyk we abadanlyk ugrunda göreşmek üçin, öz jemgyýetçilik toparlaryny döretdiler. Olaryň bu hereketi bütin dünýädäki adamlary ekologik hukuklary we adalatlylyk ugrunda hereket etmäge ruhlandyrdy. Guramanyň zäherli himikatlaryň zyýanyny azaltmak boýunça öz ýörelgeleri bardy. Bu ýörelgeleriň oňat netije berýändigi subut edildi. Ine, şolaryň käbiri:

- **Gündeki durmuşda zäherlerden daşda duruň.** Öýleriňizi, edara we iş ýerleriňizi arassalanyňyzda, zähersiz himikatlardan peýdalanyň. Bag ekeniňizde, himiki pestisidlerden we himiki dökünlerden peýdalanmaň, himikatsyz ýetişdirilen iýmiti iýiň, iýmezden öňürti miweleri we gök önümleri gowy ýuwuň (14-nji baba ser.). Biz öz ýaşaýan ýerimizde zäherli maddalara sezewar edilmegimiz ahmal. Şonuň üçin-de, biz korporasiýalaryň adamlara, aýratyn-da pukara adamlara howp salmagyny bes etmeklerini hökümetden talap etmeli.
- **Daşky gurşawy hapalamaklygyň öňüni alyň.** Zäherli himikatlar zerarly betbagtlygyň bolmazlygy üçin degişli çäreleri geçiriň. Munuň üçin sahnajyklary, KHS-ni (köpçülikleýin habar beriş serişdeleri), interneti we adamlary okatmak boýunça dürli usullary ulanyň. Şeýle çäreleriň taryhyndan belli bolşy ýaly, erjel işeňňirler öz işleriniň netije bermedik ýagdaýlarynda käwagt açlyk çekmekligi yglan etmek, iş taşlaýyş we talaplaryny beýan edýän ýörişleri guramak ýaly çäreleri hem geçirýärler. Eger fabrik daş-töwerekdäki gurşawy hapalaýan bolsa, onda işçilere güzeran dolar ýaly gazanç etmegiň başga ýollaryny salgy bermeli.
- **Kompaniýalardan öz senagat taşlandylaryny ýok etmeklerini talap ediň.** Muny gazanmak juda kyn. Kompaniýalardan öz zäherli hapalaryny aýyrmaklaryny talap etmek ekologik hukuk ugrunda göreşiň möhüm bölegidir. Adamlaryň hemmesiniň pikirine görä, kompaniýalar howpuň öňüni almakda we ýetirilen zyýanyň öwezini dolmakda jogapkärçiligi öz üstlerine almalydyrlar. Ýöne, gynansak-da, kompaniýalar bu pikir bilen ylalaşmaýarlar.



- **Hökümetden howpsuzlygyň iň gowy standartlaryny talap ediň.** Gynansak-da, hökümetleriň köpüsi adamlary goranlaryndan, hususy bähbitli girdejileri goranlaryny gowy görýärler. Kompaniýalar daşky gurşawa ýetirilýän zyýanyň öňüni almakdaky jogapkärçiligi boýun alman, bu babatdaky çykdajylardan boýun gaçyranlarynda, ekologik adalatsyzlyk döreýär, adamlaryň we daşky gurşawyň betbagtçylyga uçramagy ahmal. Hökümet ähli adamlary, aýratyn-da pukara ilaty goramak üçin degişli çäreleri görmelidirler.
- **Senagatyň öndürijilik usullaryny üýtgediň.** Bhopaldaky Ýunion Karbid fabrigi hasyly zaýalaýan mör-möjeklere garşy pestisidleri öndürýärdi. Ýöne bu zyýanly mör-möjeklere garşy himikatsyz göreşilýän usullar hem bardyr. Umuman, ähli zady öndürmegiň has zyýansyz we has durnukly usullary bardyr. Näme üçin senagatyň bizi zäherläp durmagyna ýol berilýärkä? Näme üçin bize zatlaryň nähili öndürilmelidigini çözmäge mümkincilik bermeýärlerkä?

## Ýerlikli töwekgellik. Ol kim üçin ýerlikli?

Senagat pudaklary we hökümet köplenç ekologik zyýanyň töwekgelligini ýerlikli diýip hasaplaýarlar. Olar Bhopaldaky bolan betbagtçylykly wakany “ösüşiň tölegi” diýip, töwekgelligi adaty zat hasaplaýarlar. Bu waka sanlyja adamlaryň öz hususy bähbitlerini aramak üçin pukara adamlaryň janyny, saglygyny pida edişini görkezýär. Biziň köpümiz üçin şeýle ýagdaý düýbünden ýaramly däldir. Gara nebse çapyp, gazanç etmek üçin adamlaryň saglyga we sagdyn daşky gurşawa bolan hukuklaryny bozmak asla ýerlikli däldir.

Eger Ýunion Karbid we Hindistanyň hökümeti seresaplylyk ýörelgelerine eýeren bolsalar, Bhopalda zäherli gaz betbagtçylygy bolmazdy.

## Seresaplylyk talaplary

Howpsuzlygy saklamak üçin geçirilýän çäreler daşky gurşawa ýetirilýän zyýany azaldyp bilýär. Ýöne degişli çäreleriň hemmesi görülse-de, uly zawod-fabriklerde käbir töwekgellikler bar. Eger töwekgellikden gaçyp gutulyp bolmajak bolsa, onda ol, hiç bolmanda, jemgyýetde deň bölünmelidir. Töwekgellik diňe pukara adamlara ýa-da jemgyýetiň haýsydyr bir toparyna degişli bolmaly däldir.

Gelejekde howpsuzlygy mümkin boldugyndan doly saklamak üçin, senagat pudaklary öz işini uly girdeji berýän usullarda däl-de, howpsuzlygy we durnuklylygy kepillendirýän usullarda gurnamalydyr. Muny gazanmak üçin, biz uly korporasiýalardan öz önümçiliklerini has howpsuz we adalatly usulda gurnamaklaryny talap etmeli. Şeýle hem hökümet saglygy we daşky gurşawy goramak boýunça degişli kanunlary çykaryp, olary güýje girizmeli, adamlaryň we daşky gurşawyň saglyklary babatda korporasiýalaryň jogapkärçiligini artdyrmaly. Ekologik adalatlylygyň hemmelere degişli bolup, ony öňe sürmegiň iň esasy ýoly döwlet baştutanlaryndan we hökümet ýolbaşçylaryndan seresaplylyga daýanýan çözgütleri kabul etmeklerini talap etmeli.

**Seresaplylyk çärelerini talap ediň!**



**Tüsseläp duran fabrik...** **...tüsseläp duran ýaraga öwrülip biler.**